# Şäher durmuşyndan iren ýaş ýigit dagda ýaşaýar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şäher durmuşyndan iren ýaş ýigit dagda ýaşaýar ŞÄHER DURMUŞYNDAN IREN ÝAŞ ÝIGIT DAGDA ÝAŞAÝAR




*«Şäherde içjek suwuňam pula durýar».*
*Liu dagda külbe gurunan ýerinde towuk ketek gurjak bolýanynyda aýtdy (Liu Ýuwen / CNN)*
Hytaýda şäherde ýaşamakdan bizar bolan ýaş ýigit şäherden çetde dagyň gerşine guran külbesinde ýaşaýar.
Ýigrimi bir ýaşly Liu Ýouwen şäheriň galmagalynyň we atmosferasynyň özüni ýadadandygyny aýdyp, «hernä indi guşlaryň jürküldisine oýanyp bilýärin» diýýär.
Hytaýyň günorta-günbataryndaky Guiçjou prowinsiýasynyň sähralyk zonasyndaky Şiaşişiangda önüp-ösen Liu liseýi gutarandan soň Guangdong prowinsiýasynda dürli işlerde işläpdir.
Şantouda awtoulag ussahanasynda, gurluşyk işlerinde, egin-eşik çykarýan fabrikde işländigini aýdýan Liu şäher durmuşyndan gözleýän zadyny tapmandygyny we 2022-nji ýylyň soňlarynda çete

çykmagy makul bilendigini aýdýar.
Muny maşgalasynyň oňlamandygyny aýdan Liu ýönekeý we imisala durmuşda ýaşasynyň gelýändigini ýaňzydyp: «Fabrikde ir sagat 8:00-dan agşam sagat 22:00-a çenli işleýärdim. Muňa goşmaça sagat hem alýardym. Wagtymyň köpüsi maňa degişli däldi» diýýär.
ABŞ-nyň tanymal mediýa gulluklaryndan «CNN» bilen telefon arkaly habarlaşan Liu dagda guran külbesinde elektrik togy üçin gün energiýasy bilen işleýän panellerden peýdalanýandygyny, külbede telewizoryň we internetiň bardygyny aýdýar.
«Dagda ýaşamak şäherde ýaşandan has gowy. Şäherde içjek suwuňam pula durýar» diýen hytaýly ýaş ýigit «Nesibeli» we «Gül» atly iki itidir doňzy bilen bile ýaşaýandygyny, özüni birem ýeke duýmaýandygyny aýdýar.
Liu külbesinde edýän işlerini sosial mediýada paýlaşýar. Ýaş ýigit wideolarynda çaklaňja bagynda nähili gök önüm ýetişdirişini, nahar taýýarlaýşyny, saklaýan haýwanlaryna seredişini görkezýär.
Sosial mediýada wideolara ýazylýan teswirlerde Liunyň saýlap alan ýaşaýşyny goldaýanlaryň bolşy ýaly, tankyt edýänlerem az däl.
Liunyň janköýerleriniň biri «Ol näme edýänini gowy bilýär, wideo oýunlaryna garaşly Z nesiliň ýaşlarynyň tersine, sagdyn ýaşaýyşy saýlap alypdyr» diýse, başga biri «Öýüňde edere işiň ýokmy? Manysyz zatlar bilen meşgullanýarsyň, çola ýere çekilip bikär ýatyrsyň» diýip ýazýar.
Hytaýly ýigit bolsa özüni tankyt edýänlere garşylyk berip: «Men öz öýümi nuldan gurdym. Daglarda ýaşamagam şäherde ýaşamak ýaly kyn» diýýär.




Şäher ýaşaýyşyny ýigrenip, çete çykýanlar başga ýurtlarda hem tapylman duranok. Meselem, 2022-nji ýylda türk ýaşlarynyñ pikir alyşýan sosial platformasynda bir türkiýeli raýatyñ paýlaşan habarynda: «Polatlyda bir raýat «indi hemmelerden ýadadym» diýip, uzakdaky ekin ýerine howluly gowak şekilli orta asyr öýüni gurup, şol ýerde ýaşamaga başlady» diýlip, onuñ hytaýly ýaş ýigidiñki ýaly çola ýerde ýaşap başlandygy aýdylypdy.

Şenbe, 30.12.2023 ý. Geň-taňsy wakalar